2024-nji ýylyň 13-nji martynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň özüniň gatnaşmagynda Lebap sement zawodynyň 2-nji tapgyry dabaraly ýagdaýda açylyp, ulanyşa girizildi. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, kärhana 38 sany binadan we desgadan ybarat bolup, dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän, şol sanda sulfata (duza) durnukly ýokary hilli sement önümleriniň ýylda 1 million tonnasyny öndürmäge ukyplydyr. «Lebap» sement zawodynyň 2-nji tapgyrynda 250-ä golaý işgäriň zähmet çekmegi üçin ähli önümçilik we durmuş şertleri döredilendir.

Welaýyň merkezi – Türkmenabat şäherinden 350 km günorta-gündogarda ýerleşen bu kärhana ýurdumyzda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutjak, bäsleşige ukyply, halkara bazarlarynda islegi ýokary bolan önümleri öndürmäge gönükdirilendir.

2013-nji ýylda ulanyşa girizilen zawodyň birinji tapgyrynda portland sementiniň S-400 we S-500 görnüşleri öndürilip, sarp edijilere ýetirilen bolsa, 2-nji tapgyrynda ozalky görnüşler bilen bir hatarda, has ýokary hilli S-600 görnüşli sementiň hem önümçiligi ýola goýlar.

“Türkmen Enjam” hojalyk jemgyýeti tarapyndan Lebap sement zawodynyň 1-nji tapgyrynyň golaý çäginde gurlup ulanmaga berlen iri senagat kärhanasynda Germaniýanyň, Italiýanyň, Fransiýanyň we Türkiýäniň meşhur önüm öndürijileriniň iň kämil enjamlary ornaşdyrylyp, olar önümçiligiň ýokary derejede alnyp barylmagyna mümkinçilik berýär.

Zawodda ähli önümçilik işleri  doly awtomatlaşdyrylandyr we zawodyň işgärleriniň ýokary öndürijilikli zähmet çekmegi üçin amatly şertler döredilendir.Önümçiligiň ekologiýa taýdan arassa we daşky gurşawy goramagyň ähli zerur kadalarynyň berjaý edilmegi ýurdumyzda iri senagat desgalarynyň gurluşygynda möhüm we hökmany şertleriň biri hökmünde çykyş edýär. Kärhanada howa goýberilýän tozanlary toplamak we arassalamak üçin kuwwatly süzgüç ulgamlary ulanylýar. Açylyş dabaranyň dowamynda Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «Thyssenkrupp Polysius GmbH» kompaniýasynyň enjamlary işe girizmek boýunça baş gözegçisi Mate Resetar Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň enjamlarynyň ýokary hilli, özboluşly aýratynlyklary baradaky laýyklyk güwänamasyny gowşurdy. Ýeri gelende bellesek, bu nemes senagat konserni Lebap sement zawodynyň ikinji tapgyrynyň gurluşygy alnyp barylýan döwürde, günlük kuwwaty 3000 tonna barabar bolan täze peçleri getiripdi.

**Maýa ATAHANOWA**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**
**institutynyň uly mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024